# Teberrük we gabyr zyýaratyna degişli käbir soraglar.

Sahypañ okyjysy: Esselamu aleýkum. Gabyrlardan teberrük etseñ bolýarmy? Çagasy bolmaýan adam gabyrdan, welileriñ ruhyndan çaga dilese bolyarmy? Gabyrlary zyýarat etmek üçin ýol söküp ol ýerlere gitmek we ol ýerlerde pylan öwilyäñ, gabyryñ ýoluna diýip damak çalsañ bolyarmy?

Sorag: **Gabyrlardan teberrük etseñ bolýarmy?**

Jogap: Teberrük: Berekete garaşmak, bereket islemek diýmekdir. Bereket bir zatda haýryñ bar bolmagy we artmagydyr. Bereket Allahyñ elindedir, bir zady bereketli eden hem Allahdyr. Şonuñ üçin bereketi Allahdan dilemelidir.

Käbir ýerlerden, daşlardan, agaçlardan, diri ýa-da öli ynsanlardan teberrük etmek, berekete garaşmak jaiz däldir. Eger-de biri Allahdan başga zatlaryñ bereket bagş edýänligine ynansa, Allaha şärik (araçy) goşdugy bolar.

Ebu Wakid el-Leýs radiallahu anh şeýle rowaýat edýär: **“Pygamberimiz aleýhis salam bilen birlikde Hüneýne sapara çykdyk. Biz ýañy küfürden we şirkden ýüz öwren ynsanlardyk (täze iman eden musulmanlar). Müşrükleriñ mukaddes hasaplaýan Zatu-Enwat diýilýän agaçlary bardy. Onuñ töwereginde jemlenişip ybadat edip, ýaraglaryny ol agajyñ aşagynda goýarlardy. Haçan-da biz bir agajyñ ýanyna gelenimizde Pygamber aleýhis salama ýüzlenip: Eý Allahyñ Resuly olaryñ Zatu-Enwatlary ýaly bize-de bir Zatu-Enwat etsene, diýdik. Bu gürrüñi eşden Pygamberimiz aleýhis salam: Gaharlanyp Allahu Ekber! (Ýene öñki ýalñyşlyk) Nefsim elinde bolan Allaha kasam edýärin. Siz edil: Eý Musa, bularyñ ilähleri ýaly bize-de iläh ýasap ber diýen, we Musanyñ olara: Siz hakykatdanam jähil kowumsyñyz (Araf, 7/138) diýen, ýehudylaryñ diýen zadyny diýdiñiz”** diýýär. (Ahmed: 5/218, Tirmizi: 2180)

Köp ýerlerde yslamy bilmeýän ynsanlar welileriñ, ýagşyzadalaryñ gabyryna gidip ol ýerlerden bir haýra, berekete garaşýarlar. Hatda ol ýerlerdäki agaçlara ýüp dañyp öz isleglerini aýdýarlar. Ýa-da ol ýerlerdäki daşlaryñ üstüne suw, gatyk döküp ýalasak şypa berýärmiş diýip, yslam dini bilen hiç hili baglanşygy bolmaýan zatlary edýärler.

Käbir ynsanlar gabyrdan, agaçdan, daşdan tebberrük etmegi, sahabalaryñ Pygamber aleýhis salama degişli zatlardan teberrük edişi bilen deñäp, şony delil tutjak bolýarlar. Sahabalaryñ Pygamber aleýhis salamyñ saçy, tüýküligi bilen teberrük etmeleri diñe Pygamber aleýhis salama berlen hususiýetdir. Pygamber aleýhis salam wepat edenden soñra sahabalaryñ gidip Pygamber aleýhis salamyñ gabyrynyñ başynda teberrük edenleri ýokdur. Eger bir zatdan teberrük ediljek bolsa, ol zadyñ bereketlidigi barada Kuran ýa-da sünnnetden delil bolmalydyr.

Sorag: **Çagasy bolmaýan adam gabyrdan, welileriñ ruhyndan çaga dilese bolyarmy?**

Jogap: Ölüleriñ ruhyndan kömek dilemek, keseliñe şypa dilemek, ýitgiñi tapmak üçin ýardam soramak, çaga dilemek we başgada diñe Allah Tagalanyñ başarýan zadyny gabyrlardan dilemek uly şirkdir we ynsany dinden çykarar. Gabyrlardan, welileriñ, pygamberiñ ruhyndan medet, kömek, çaga we başgada zatlary dileýän kişiniñ käfir bolup dinden çykýanlygy ähli akyda kitaplarymyzda ýazylandyr.

Bellemeli möhüm zat doga-dileg etmek hem ybadatdyr. Ybadat bolsa diñe Allah Tagalaga edilmelidir. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysda: **“Doga-dileg ybadatdyr”** (Ebu Dawud: 1460, Tirmizi: 2969) Başga hadysda **“Doga-dileg ybadatyñ ýülügidir”** (Tirmizi: 3371) diýendir. Allah Tagala Kuran-Kerimde: **“Robbiñiz aýtdy: Maña doga-dileg ediñ, Men hem dogalaryñyzy kabul edeýin”** (Gafir, 40/60) diýendir.

“(Eý Pygamber!) **Bendelerim senden Men hakda sorasalar, Men olara ýakyndyryn. Maña doga-dileg edeniñ dilegini kabul edýärin”** (Bakara, 2/186) “**Allahdan başga saña ne peýda ne-de zyýan berip bilmejek zatlara doga-dileg etme.”** (Yunus, 10/106)

Sorag: **Gabyrlary zyýarat etmek üçin ýol söküp ol ýerlere gitmek bolýarmy?**

Jogap: Ybrat almak, musulmanlaryñ ölüleri üçin bagyşlanma dilemek üçin gabyra zyýarata gitmek müstehapdyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysda: **“Size gabyrlara zyýarata gitmegi gadagan edipdim...indi gabyrlara gitmäge rugsat berýärin. Çünki ol zyýarat ahyrýedi ýatladar”** diýýär. (Ahmed: 5/355, Tirmizi: 1054) Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ özi hem ençeme gezek Medinedäki Baki mazarystanlygyna zyýarata gidip, ol ýerdäki musulmanlara Allahdan bagyşlanma diländir.

**Yslamda gabyry zyýarata gitmekden iki maksat bardyr:**

1-Ölüleri görüp ybrat alyp, ahyrýedi ýatlamak, Allahyñ huzuryna çykmaga taýynlanmak.

2-Ölülere salam bermek, olar üçin Allahdan bagyşlanma dilemek.

Gabyrdan teberrük etmek, ölüleriñ ruhyndan kömek, çaga dilemek, şypa dilemek ýaly niýeti bilen edilen gabyr zyýaratlary dinimizde haramdyr. Gabyra zyýarat etmek üçin uzak ýollar söküp başga ýerlerdäki gabyrlara gitmek dinimizde jaiz däldir. Öz ýaşaýan ýeriñe ýakyn bolan mazarystana gidip zyýarat etmelidir.

Ýöriteläp diñe gabyr zyýaraty üçin goş düwüp, ýol söküp mazarystana gitmek yslamda haramdyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysda: **“Diñe şu üç mesjidi zyýarat etmek üçin ýolagçylyga çykylar. Mesjidi-Haram(Käbe), meniñ mesjidim (medine), we mesjidi-Aksa”** diýýär. (Buhari: 1197, Muslim: 827/415) Hadysda ady agzalan mesjitlerden başga ýerlere ybadat niýeti bilen goş düwüp, ýol söküp sapar etmek jaiz däldir.

Sorag: **Pylan öwilyäñ, gabyryñ ýoluna diýip damak çalsañ bolyarmy?**

Jogap: Pylan öwilýäñ, gabyryñ ýoluna diýip janly soýmak şirkdir. Çünki damak çalmak, (mal gurban etmek) ybadatdyr. Ybadat bolsa diñe Allah üçin edilmelidir. Kuran-Kerimde: **“Aýt: Meniñ namazym, janly kesmegim, ömrüm we ölümim älemleriñ Robbi Allah üçindir. Onuñ hiç bir şärigi ýokdur.”** (Enam, 6/162-163) Aýatda: **“Robbiñ üçin namaz kyl we gurban kes!”** (Kewser: 108/2) Aýatlardan görüşümiz ýaly damak diñe Allah üçin çalynmalydyr. Allahdan başgasynyñ adyna damak çalan Allaha şärik goşdugy bolar. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysda: **“Allahdan başgasynyñ adyna gurban kesene Allah lagnat etsin.”** (Muslim: 1978) diýendir. Allahdan başganyñ adyna kesilen janlyñ eti haramdyr. Aýatda: **“Ol size diñe haram öleni, gany, doñuz etini we Allahdan özgä niýetlenip soýulan mallary haram etdi.”** (Bakara 2/173)

Mazarlara gidip namaz kylmak, gurban kesmek we başgada Allah üçin edilýän ybadatlary mazarlykda etmek yslamda jaiz däldir. Çünki mazarystan ybadat ýeri däldir.